# Paramilitar güýçler ýa-da tertipsiz goşunlar

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Paramilitar güýçler ýa-da tertipsiz goşunlar PARAMILITAR GÜÝÇLER ÝA-DA TERTIPSIZ GOŞUNLAR




Golaýda Russiýada ýüze çykan «Wagner» güýçleriniñ gozgalañy paramilitar güýçleriñ (ýarym harby güýçleriñ-tertipsiz goşunlaryñ) wagty-sagady gelende özlerini ulanýan syýasy häkimiýetlere garşy nähili howp salýandygyny görkezdi. Bütin dünýä üçin sapak bolan topalañ paramilitar güýçlerden peýdalanmagyñ näderejede howpludygyny ýene bir gezek subut etdi. Bize-de öz taryhymyzdan käbir epizodlary ýatlatdy…

- **Azat-edijilik urşy we birlikler**

1919-njy ýylyñ 15-nji maýynda grek basybalyjylarynyñ çozmagy bilen başlan Milli Azat-edijilik urşunda nyzamly goşun bölümleri bilen bile ulanylan milli (başly-barat, tertipsiz) birlikler ilkibaşda duşmana garşy göreşde we içki topalañlaryñ basyp ýatyrylmagynda köp peýdaly işleri etdiler. Ol güýçleriñ düzüminde ýer alan “Kuwaýy Seýýare” (Göçme güýçler) kuwwatly we hereket edijilik ukyby taýdan öñe saýlanýardy. Ýük haýwanlarynyñ arkasyna ýüklenen top-artilleriýanyñ goldawyndaky pyýadalar bir sebitden birnäçe ýüz kilometr añyrdaky sebite ýyldyrym çaltlygynda baryp, topalañy gysga wagtyñ içinde basyp ýatyrardylar we düzgün-tertibi ýola goýardylar. Bu goşun birliklerinde serkerdeleriñ buýrukdyr görkezmelerine goldaw bermek we nyzamly birlikler bilen

sazlaşygy üpjün etmek üçin koordinator ofiserler hem bardy…




**• Tertipli goşuna geçme karary**

1920-nji ýylyň ahyrlarynda Türkiýäniň Ýokary Halk Mejlisi harby gullugyň esasy düzgünlerinden biri bolan «bir bitewi komandowaniýanyň» ýola goýulmagy üçin milli güýçleriň nyzamly güýçlere öwürmegi, ýagny düzgün-tertipli goşun bölümlerine geçilmegi makul bildi. Emma «Kuwaýy-Seýýaräniň» serkerdelerinden Ethem bilen Demirçi Mehmet Epe muňa garşy çykdy. Çünki olar mundan beýläk edenlerini edip gezip biljek däldiler. Şonuň üçinem olar düzgün-tertipli goşun bölümlerine birikmekden ýüz dönderip aýaga galdylar. Üstlerine goşun bölümleri ugradyldy. Ahyrynda Demirçi 1920-nji ýylyň dekabrynda boýun egdi, Milli Azat-edijilik urşundaky bitiren işleri sebäpli günäsi geçildi… Ethem bolsa 1921-nji ýylyň ýanwar aýynda kül-peýkun edilensoň, grek güýçlerinden dalda gözledi.

**• Gelinen sepgit**

Bolup geçenlerden görnüşi ýaly, paramilitar güýçler hemme

ýerde-de ilkibaşda syýasy häkimiýetleriñ garamagynda hereket edýänem bolsa, şertler özlerine güýçlenme mümkinçiligini berende, hyzmatdaşlyk eden syýasy güýjüñ ýerine geçmek ýa-da şol güýje şärikdeşlik etmek ýa-da ondan ýeñillikli şertleri goparyp almak üçin synanyşma meýlinde bolýar…
Düýn we şu gün bolup geçenler-ä şeýle… Ertirem şundan üýtgeşik bolmaýar.

Dogu SILAHÇYOGLY.

«CUMHURIYET» gazeti, 01.07.2023 ý. Publisistika